# Türkmene haýyşnama

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmene haýyşnama TÜRKMENE HAÝYŞNAMA

Ene dilim bu gün owazyň çirkin,
Senden üstün gelýär kinosy türküň.

Beýnim «mizemedik nesilsiň» diýýär.
Inim «Neneň» diýmän, «Nasilsin» diýýär.

Arada çykyşda ýaş alymsumak,
Kä sözleri bilen doldurdy damak:

«Düşündirjek» size diýmäň deregne,
«Açiklaýyn» diýen bolýar ol «terne».

Türkmençedir öýdýäs türküň kelamyn,
«Salamyň» deregne, diýýäs «selamyn».

Atlar aslymyzdan terkleşip barýar,
Gynanýan olaram terkleşip barýar.

Kemelipdir: Döwran, Döndi, Kemine,
Köpelipdir: Elif, Emir, Emine…

Arada ýygnakda bir » Ýer ýuwudan»,
Diýýär türküň dili juda owadan.

Bulaň bary biziň günämiz elbet,
Dilimizden ýasap bilemzok şerbet.

Kaýsy ilde joşsa döredijilik,
Dilinde kän bolar bal, nabat, ýilik.

Kaýsy dilde köpräk ysnyşsa beýni,
Şol dile döreýär isleg we söýgi.

Dili bilen kalba güýç, ynam berýän,

Ne kino döretdik, ne-de serial.

Gaýtalap «Meleguş», «Şükür bagşyny»
«Kasettalar» boldy syçanlaň hini.

Elbetde «dil baýlyk…» diýipdir peder,
Ony beýniň bilen öwrenmek ýeter.

Kalbyňa sygdyryp, uýup durk bilen,
Gerek däl türkmeniň ata ýurdunda,
Bäsleşip ýaşamak rusdur, türk bilen.

Haýyşym, goraly ene dilimiz,
Işleýärkä beýni bilen elimiz.

Goraly döredip süýji sungaty,
Goý, artsyn ýürekleň ruhy nygmaty.

Döredeli kino, serial, şygyr,
Ony gadym diliň labzyna ýugur.

Türküň dili türkde, rusuňky rusda,
Ýaşasyn her bir dil mynasyp ýurtda.

Ýalbarýan gaýtalap, öwranma-öwran:
Ene dilim sürsün bu ilde döwran.

Kerim HALLY. Goşgular